**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2026-njy ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna**
на 1 августа 2026 года
as of August 1, 2026

**Aşgabat 2026**

# Mazmuny / Содержание / Content


## HABARLAR /НОВОСТИ / NEWS

TÜRKMENISTAN – ÝTÖB:
HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE TAPGYRY
3

## SELJERIŞ MAKALALARY
АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ / ANALYTICAL ARTICLES

**YKDYSADY ÖSÜŞIŇ DÜNÝÄDE YKRARY**
4

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
7

**TABLISALAR /** ТАБЛИЦЫ / TABLES
9

# TÜRKMENISTAN – ÝTÖB: HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE TAPGYRY

Berkarar döwletimizde halkara ülňülerine laýyk gelýän kanunçylyk binýadynyň döredilmegi daşary ýurtly maýadarlar üçin ygtybarly we amatly şertleri kepillendirýär. Bu bolsa ýurdumyzyň iri maýa goýum taslamalaryna halkara maliýe guramalarynyň işjeň gatnaşmagyna uly mümkinçilikleri açýar.

Hormatly Prezidentimiz öz çykyşynda: «Daşary ýurt döwletleri, Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Aziýanyň ösüş banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky, Yslam ösüş banky ýaly halkara maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlyk has-da işjeňleşdirilmelidir. Bilelikde maýa goýum forumlary we işewürler maslahatlary geçirilmelidir» diýip, bu ugurdaky esasy meýilnamalary takyk kesgitledi. Şol tabşyryklardan ugur alyp, milli ykdysadyýetimiziň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak hem-de durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär.

Şeýle netijeli hyzmatdaşlygyň aýdyň mysaly hökmünde ýurdumyzyň Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky bilen ýola goýlan gatnaşyklaryny görkezmek bolar. 1992-nji ýyldan bäri ýurdumyzyň ygtybarly hyzmatdaşy hökmünde Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky ulag, gurluşyk, azyk we dokma senagatynda, şeýle hem kiçi we orta telekeçiligi goldamakda möhüm taslamalary amala aşyrýar. Bankyň maýa goýum we tehniki ýardam maksatnamalary, ýerli hünärmenlerimiziň we telekeçilerimiziň halkara derejesindäki tejribesini artdyrmaga uly goşant goşdy.

Golaýda, ýagny 2026-njy ýylyň 28-nji iýulynda hormatly Prezidentimiz ýurdumyza iş saparу bilen gelen bu abraýly halkara guramanyň ýolbaşçysyny kabul etdi. Ýokary derejede geçen duşuşykda milli ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak, maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrmak we abraýly halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygy täze hile çykarmak meseleleri seredildi.

Duşuşygyň dowamynda döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň köp ýyllaryň dowamynda Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň işjeň agzasy bolup durýandygyny belläp, hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary hökmünde energetika, ulag-logistika, sanly ykdysadyýet, oba hojalygy hem-de daşky gurşawy goramak ýaly strategik ulgamlary öňe sürdi. Bu abraýly guramanyň ýolbaşçysynyň ýurdumyza iş saparynyň çäklerinde milli ykdysadyýetimizi köpugurly ösdürmäge gönükdirilen Özara düşünişmek hakynda Ähtnamalaryň bäş sanysyna gol çekildi.

Şolaryň ikisi Türkmenistanyň Merkezi banky bilen Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň arasyndaky hyzmatdaşlygynyň geljekki strategik ugurlaryny kesgitleýär:

1) 2027 – 2032-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň Merkezi banky bilen Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň arasynda Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň Türkmenistandaky işiniň ileri tutulýan esasy strategik ugurlary barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama;

2) Türkmenistanyň Merkezi banky bilen Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň arasynda bank ulgamyny berkitmek hem-de Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň eksporta gönükdirilen ösüşini we diwersifikasiýalaşdyrylmagyny goldamak boýunça strategik hyzmatdaşlyk barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama.

Gol çekilen bu strategik Ähtnamalar milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýalaşmagyna, daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegine, sanly we «ýaşyl» ykdysadyýete geçilmegine kuwwatly itergi berýär. Bütewi ulgamda ösdürilýän bu hyzmatdaşlyk diňe bir milli bähbitlere däl, eýsem tutuş Ýewraziýa sebitiniň durnukly ösüşine we sebitara arabaglanyşygyň berkidilmegine uly goşant goşýar.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

## SELJERIŞ MAKALALARY

# YKDYSADY ÖSÜŞIŇ DÜNÝÄDE YKRARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlar boýunça depginli ösdürilmegi, onuň dünýä ykdysadyýetine işjeň goşulyşmagy hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan oýlanyşykly döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hataryndadyr. Bank, maliýe-karz, maýa goýum gatnaşyklarynyň çygrynda ýurdumyzyň halkara giňişlikde ygtybarly hyzmatdaş hökmünde ykrar edilmegi bu babatda geçirilýän netijeli işleriň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Golaýda dünýäniň iri halkara reýting agentlikleriniň biri bolan «Fitch Ratings» Türkmenistanyň hem-de Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň reýtingini «durnukly» çaklama bilen «BB-» derejesinde ýene bir gezek tassyklady. Munuň özi ýurdumyzyň maliýe kuwwatynyň hem-de halkara hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklarynda ygtybarlylygynyň barha pugtalanýandygynyň nobatdaky subutnamasydyr.

Berkarar döwletimiziň dünýäniň ykdysady giňişligindäki abraýynyň barha ýokarlanmagy geçen ýyllaryň dowamynda Gahryman Arkadagymyzyň parasatly başlangyçlary, hormatly Prezidentimiziň döwlet baştutanlygy esasynda yzygiderli alnyp barylýan maksada gönükdirilen işleriň netijesidir. Şunuň bilen baglylykda, «Fitch Ratings» agentligi bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ilerledilmegi mümkinçilikleriň has-da giň gerime eýe bolmagyna ýardam etdi. Halkara reýting agentligi bu döwürde ýurdumyzyň we Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankyny reýting derejelerini kesgitlemek bilen bahalandyrdy.

Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda möhüm wezipeleriň biri bolan bank ulgamyndaky hyzmatdaşlyklaryň, şol sanda «Fitch Ratings» halkara agentligi tarapyndan Türkmenistana berlen halkara derejeleriň ýurdumyzyň dünýädäki maliýe abraýyny görnetin ýokarlandyrýandygyny döwlet Baştutanymyz yzygiderli nygtaýar. Bu hyzmatdaşlyk daşary ýurtlardan çekilýän maýa goýumlaryň möçberiniň ýokarlandyrylmagynda, daşary ykdysady işiň has-da ösdürilmeginde mümkinçilikleri açýar. Şunda «Fitch Ratings» halkara agentliginiň kesgitleýän reýting bahalandyrmasy Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň netijeliligine, ygtybarlydygyna, hyzmatdaş hökmünde özara bähbitli gatnaşyklaryň ilerledilmegine ygrarlydygyna hem aýdyň güwä geçýär.

Halkara reýting agentligi şu günki güne çenli ýurdumyzyň dünýä banklarynyň hataryndaky reýtinginiň birnäçe ýola tassyklamak bilen, bu ugurdaky mümkinçiliklere oňyn baha berdi. «Fitch Ratings» 2021-nji ýylda ýurdumyzy «B+» derejesi hem-de «durnukly» çaklama bilen bahalandyrypdy. Soňra 2023-nji ýylyň fewral aýynda Türkmenistana bolsa bu dereje «B+» «oňyn» çaklama bilen ýokarlandy. 2023-nji ýylyň awgustynda we 2024-nji ýylyň fewralynda bolsa bu dereje «B+» «oňyn» çaklama bilen tassyklanyldy. 2024-nji ýylyň awgustynda bu agentligi Türkmenistanyň karz derejesini öňki «B+» (oňyn çaklama bilen) derejesinden «BB-» (durnukly çaklama bilen) derejesine ýokarlandyrdy.








2025-2026-njy ýyllarda Fitch Ratings halkara reýting agentligi Türkmenistanyň emitentiniň uzak möhletleýin defolt reýtingini «BB-» derejesinde tassyklady, çaklama bolsa «Durnukly» görnüşinde saklandy. «Fitch»-iň bellemegine görä, Türkmenistanyň reýtingleri örän güýçli döwlet balansyna, «BB» we «B» derejeli ýurtlaryň arasynda arassa daşary ýurt aktiwleriň jemi içerki önüme (JIÖ) bolan iň ýokary gatnaşygyna hem-de döwlet karzlarynyň iň pes derejesine eýedir.

Halkara reýting agentliginiň degişli bahalandyrmasynda bu netijäni gazanmagyň şertleriniň we mümkinçilikleriniň ýokary netijä eýedigi bellenilýär. Agentligiň hünärmenleri Türkmenistanyň kuwwatly bolan döwlet balansynda uzak möhletleýin öňegidişlige ýetilendigini nygtamak bilen, munuň geljekde hem dowam etdiriljekdigine ynam bildirýärler. Çünki ýurdumyzda maliýe-bank ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagy, hyzmatlaryň amatly ýola goýulmagy, bu ulgamyň işini sanlylaşdyrmaga uly ähmiýet berilmegi ugrunda döredilýän şertler günsaýyn oňyn netijeleri berýär. Şunda daşary ykdysady gatnaşyklaryň ilerledilmegi üçin Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň ýeterlik derejede ösendigini, dürli ugurlarda kämil infrastrukturanyň döredilendigini nygtamak gerek. Ine, şu hem halkara karz ylalaşyklarynyň esasynda maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmekde möhüm şertleriň biridir.

Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklaryň çygrynda degişli agenti hökmünde çykyş edýän Döwlet daşary ykdysady iş banky reýting agentligi bilen hyzmatdaşlygyň esasy köprüleriniň biri bolup durýar. Bank ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynda — nebitgaz we himiýa senagatynda, ulag ulgamynda, oba hojalygynda hem-de saglygy goraýyş ulgamynda — strategik ähmiýetli maýa goýum taslamalaryny yzygiderli maliýeleşdirýär. Şunuň bilen birlikde, bank daşarky karz serişdelerini çekmek boýunça döwletiň resmi agenti wezipesini üstünlikli ýerine ýetirýär. Soňky ýyllarda Aziýa — Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlarynyň, aýratyn-da Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, Hytaýyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň hem-de Saud Arabystany Patyşalygynyň öňdebaryjy maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk has-da işjeňleşdi. Häzirki wagtda bank 15 ýurduň banklarynyň we maliýe guramalarynyň 30-dan gowragy bilen netijeli hyzmatdaşlygyny yzygiderli ösdürýär, bu bolsa halkara hasaplaşyklaryň hem-de müşderileriň sargytlary boýunça tölegleriň çalt we ygtybarly amala aşyrylmagyna ýardam edýär. Bank şeýle-de Yslam ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, OPEC gaznasy ýaly abraýly halkara maliýe guramalary we ösüş gaznalary bilen gatnaşyklaryny yzygiderli pugtalandyrýar. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda durmuşa geçirilýän maliýe-bank syýasatynyň ýokary üstünliklere beslenýändiginiň aýdyň şöhlelenmesidir.

Ýeri gelende Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň «Fitch Ratings» ýaly abraýly halkara agentlikden emitentiň defolt reýtingini alan ýurdumyzyň ilkinji banky bolmagy bilen tapawutlanýandygyny bellemelidiris. Şu ýerde bankyň ozaldan alyp barýan işine ýokary baha berlip, onuň Beýik Britaniýanyň «The Banker» žurnaly tarapyndan köp gezek ýurduň iň gowy banky diýlip kesgitlenendigini nygtamak ýerliklidir. Munuň özi bankyň diňe bir maliýe taýdan durnuklydygyny däl-de, eýsem dolandyryş, hasabatlylyk hem-de halkara ölçeglere laýyklyk babatda

hem ýokary derejä eýedigini görkezýär.

Golaýda, has anygy iýun aýynda «Fitch Ratings» agentligi Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň daşary we milli walýutadaky uzak möhletli emitentiň defolt reýtingini «BB-» derejesinde «durnukly» çaklama bilen tassyklady. Onuň yzysüre, iýul aýynda bolsa halkara gurama «BB-» derejesinde Türkmenistanyň reýtingi tassyklandy. Agentligiň bilermenleriniň çaklamalaryna görä, 2027-nji ýylyň ahyryna çenli döwlet bergisi jemi içerki önümiň bary-ýogy 2,7 göterimine çenli peseler. Deňeşdirmek üçin bellesek, «BB» reýting toparçasyndaky ýurtlaryň ortaça görkezijisi 52,1 göterime deň bolup durýar. Türkmenistanyň daşarky likwidlik görkezijileri hem iň ýokary derejede berk ýagdaýyny saklaýar.

Ýurdumyzyň uzak möhletleýin maliýe durnuklylygynyň möhüm binýadynyň bolmagy dünýäde tebigy gazyň iň uly gorlary boýunça dördünji orunda durýandygy bilen baglydyr. «Fitch» iri infrastruktura taslamalarynyň durmuşa geçirilmeginiň eksport mümkinçilikleriniň giňelmeginde esasy ösüş hereketlendirijisi boljakdygyna aýratyn üns çekýär. Hususan-da, şu ýylyň aprel aýynda ägirt uly «Galkynyş» gaz känini özleşdirmegiň dördünji tapgyrynyň badalga almagy ýurdumyzyň ýyllyk gaz önümçilik kuwwatyny ýene-de 10 milliard kub metr artdyrmaga mümkinçilik berer. Şeýle hem döwletimiziň alyp barýan syýasatynyň durmuş-ykdysady durnuklylygy üpjün etmäge gönükdirilendigini, bar bolan ätiýaçlyk serişdeleriniň geljekde-de milli senagaty ösdürmek hem-de döwrebap infrastruktura desgalaryny gurmak maksady bilen netijeli peýdalanyljakdygyny aýratyn bellemek gerek.

Umuman, «Fitch Ratings» halkara reýting agentliginiň Türkmenistana hem-de Döwlet daşary ykdysady iş bankyna berýän bahasy — hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän oýlanyşykly ykdysady syýasatyň, ýurdumyzyň berk maliýe binýadynyň hem-de daşary ykdysady gatnaşyklary ösdürmek ugrunda alnyp barylýan maksada gönükdirilen işleriň aýdyň netijesidir. Milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmegi, tebigy baýlyklarymyzyň netijeli peýdalanylmagy hem-de maliýe-bank ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagy ugrunda alnyp barylýan giň gerimli işler netijeli dowam etdirilýär. Bu bolsa geljekde-de ýurdumyzyň halkara abraýynyň has-da belende göterilmegine, dünýäniň öňdebaryjy maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygyň täze belentliklere çykmagyna giň ýol açar.

**Merjen LOKKAÝEWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Marketing bölüminiň başlygy



# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
## Тенденции развития банковской системы Туркменистана
## Development trends of the banking system of Turkmenistan

### 2026-njy ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2026 года

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of August 1, 2026




### 2026-njy ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2026 года

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of August 1, 2026




### 2026-njy ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 августа 2026 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of August 1, 2026




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2026-njy ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna karz edaralaryň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений
по состоянию на 1 августа 2026 года
Authorized capital size as of 1 August 2026




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)

Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн ман)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2026-njy ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 августа 2026 года (указатели округлены)

Information on the bank cards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 August 2026 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
### Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
### Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| **GÖRKEZIJILER**<br>ПОКАЗАТЕЛИ / INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.08.2025 | 01.01.2026 | 01.08.2026 | 01.08.2026<br>01.01.2026-e,<br>%-de | 01.08.2026<br>01.08.2025-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development Bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>- Туркменская инвестиционная компания<br>- Turkmen Investment Company | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **148** | **149** | **149** | *100,0* | *100,7* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | | **8 510 622** | | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | | **8 507,50** | | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **7 511,10** | **7 743,11** | **7 822,50** | *101,0* | *104,1* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **13 614,19** | **15 255,59** | **12 168,69** | *79,8* | *89,4* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **92 362,32** | **98 556,69** | **102 931,63** | *104,4* | *111,4* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **36 641,85** | **38 461,00** | **35 558,57** | *92,5* | *97,0* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2026-njy ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2026 г.
Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of August 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky**<br>Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | 2 | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **52** | 1 | 1 | 8 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 7 | 1 | 3 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **22** | 4 | | 1 | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 7 | 1 | 4 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 2 | 1 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **149** | **23** | **4** | **17** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2026-njy ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2026 г.
Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of August 1, 2026

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky**<br>Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **2** | | | 1 | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **7** | | | 1 | 1 | 4 | 1 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **1** | 1 | | | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **6** | | 1 | 1 | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ/ Turkmen-Turk JSCB | **7** | 2 | | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **25** | **4** | **1** | **4** | **4** | **10** | **2** |

## 2026-njy ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 августа 2026 г.
Information on the authorized capital of credit institutions as of August 1, 2026

müň manat / тыс. манат / thousand manat

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие<br>Registered credit institutions and others | Esaslyk maýalaryň möçberi<br>Размер уставного фонда<br>Size of the authorized capital | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % / Share to total, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки/state-commercial banks | 3 035 753,9 | 38,8 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки/joint-stock commercial banks | 1 876 176,3 | 24,0 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков/branches foreign banks | 4 571,0 | 0,1 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития/State Development Bank | 2 850 000,0 | 36,4 |
| Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>Туркменская инвестиционная компания/Turkmen Investment Company | 56 000,0 | 0,7 |
| **Jemi / Всего / Total** | **7 822 501,2** | **100,0** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Банковского надзора/ Prepared by Banking Supervision Department*

## 2026-njy ýylyň iýul aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri

Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в июле 2026 года

Interest rates declared at the credit auction of CBT in July, 2026

| Karzlaryň möhleti<br>сроки предоставления кредитов<br>Terms of credits | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%)<br>Interest rate, (%) |
|---|---|
| 1 ýyldan artyk bolmadyk möhlete<br>до 1 года / up to 1 year | 5,0 % |

## 2026-njy ýylyň iýul aýynda TMB-niň goýum amallary auksionynda yglan edilen göterim derejeleri

Объявленные процентные ставки на депозитном аукционе ЦБТ в июле 2026 года

Interest rates declared at the deposit auction of CBT in July, 2026

| Goýumlaryň möhleti<br>сроки привлечения депозитов<br>Terms of deposits | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%)<br>Interest rate, (%) |
|---|---|
| 1 aý<br>1 месяц / 1 month | 3,0 % |
| 2 aý<br>2 месяц / 2 month | 3,5 % |
| 3 aý<br>3 месяца / 3 month | 4,0 % |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Кредитных операций*
*Prepared by the Credit Operations Department*

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi

Ставка рефинансирования Центрального банка Туркменистана

Refinance rate of the Central Bank of Turkmenistan

| Hereket eden döwri<br>Период действия<br>Period of validity | Göterimiň derejesi,%<br>Процентная ставка,%<br>Interest rate,% | Esas<br>Основание / Authorizing document |
|---|---|---|
| 08.07.1997 - 05.08.1998 | 35 | TMB-niň 08.07.1997 ý. senesinden 125 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N125 от 08.07.1997 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.125 08.07.1997 |
| 06.08.1998 - 02.08.1999 | 30 | TMB-niň 06.08.1998 ý. senesinden 196 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N196 от 06.08.1998 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.196 of 06.08.1998 |
| 03.08.1999 - 11.02.2000 | 27 | TMB-niň 03.08.1999 ý. senesinden 212 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N212 от 03.08.1999 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.212 of 03.08.1999 |
| 12.02.2000 - 24.05.2000 | 25 | TMB-niň 11.02.2000 ý. senesinden 39 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N39 от 11.02.2000 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.39 of 11.02.2000 |
| 25.05.2000 - 01.01.2001 | 20 | TMB-niň 25.05.2000 ý. senesinden 161 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N161 от 25.05.2000 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 161 of 25.05.2000 |
| 02.01.2001 - 09.12.2001 | 15 | TMB-niň 02.01.2001 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N1 от 02.01.2001 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 1 of 02.01.2001 |
| 10.12.2001 - 01.03.2003 | 12 | TMB-niň 07.12.2001 ý. senesinden 304 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N304 от 07.12.2001 г.<br>Order of the Central Bank of TurkmenistanNo. 304 of 07.12.2001 |
| 01.03.2003 - 01.06.2004 | 10 | TMB-niň 23.01.2003 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 1 от 23.01.2003 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 1 of 23.01.2003 |
| 01.06.2004 | 5 | TMB-niň 25.05.2004 ý. senesinden 133 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 133 от 25.05.2004 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 133 of 25.05.2004 |

***Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*
*Prepared by the Department of Macroeconomic Analysis and Financial Policy*

## Karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri
## Нормативы отчислений кредитных учреждений в обязательные резервы Центрального банка Туркменистана
## Standards for deductions of credit institutions to the required reserves with the Central Bank of Turkmenistan

| Bellenilen senesi<br>Утвержденная дата<br>Confirmed date | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi<br>Уровень обязательных резервов<br>Required Reserves Level | Bellikler<br>Примечания / Notes |
|---|---|---|
| 19.01.2001 | 5% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky we daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным средствам в национальной и иностранной валюте юридических лиц<br>- for term deposits, accounts in national and foreign currency of legal entities |
| | 25% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в национальной валюте юридических лиц<br>- for other funds in national currency of legal entities |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в иностранной валюте юридических лиц<br>- for other funds in foreign currency of legal entities |
| 20.07.2006 | 3% | - edara görnüşindäki taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>-on term deposits of legal entities in national currency |
| | 20% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- for other deposits of legal entities in national currency |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- on fixed-term deposits of legal entities in foreign currency |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- for other deposits of legal entities in foreign currency |
| 03.04.2009 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- on term deposits of legal entities in national currency |
| | 15% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- for other deposits of legal entities in national currency |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- on fixed-term deposits of legal entities in foreign currency |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- for other deposits of legal entities in foreign currency |
| 17.02.2011 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- on term deposits of legal entities in national currency |
| | 10% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- for other deposits of legal entities in national currency |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- on fixed-term deposits of legal entities in foreign currency |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- for other deposits of legal entities in foreign currency |
| 11.02.2015 | 5% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- on term deposits of legal entities in national currency |
| | 12% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте<br>- for other deposits of legal entities in national currency |
| | 6% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- on fixed-term deposits of legal entities in foreign currency |
| | 9% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте<br>- for other deposits of legal entities in foreign currency |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Кредитных операций*
*Prepared by the Credit Operations Department*

**Londonyň gymmat bahaly metallar bazarynyň assosiasiýasy (LBMA) tarapyndan irdenki söwdada bellenilen nyrhy boýunça 2026-njy ýylyň iýul aýyndaky gymmat bahaly metallaryň 1 (bir) unsiýasynyň türkmen manadyna bolan gatnaşyklarynyň sanawy**

Перечень цен драгоценных металлов за 1 (одну) унцию по результатам утренних торгов Лондонской ассоциации рынков драгоценных металлов (LBMA) по отношению к туркменскому манату, действительных в июле 2026 года

List of prices of precious metals per 1 (one) ounce based on the results of morning trading of the London Bullion Market Association (LBMA) in relation to the Turkmen manat, valid in July 2026

manat /манат/ manat

| | Altyn / Золото/ Gold | Kümüş / Серебро/ Silver | Platina / Платина/ Platinum | Palladiý / Палладий/ Palladium |
|---|---|---|---|---|
| 01.07.2026 | 13 924,9250 | 203,8750 | 5 417,3000 | 4 173,5750 |
